***Häzirki zaman jemgyýetinde zenan ýolbaşçylar dürli ulgamlarda, şol sanda syýasatda, işewürlikde, jemgyýetçilik hereketinde möhüm orny eýeleýärler. Olar gender deňligini ilerletmäge ýardam bermek bilen, jemgyýetiň öňünde durýan möhüm meseleleri çözmäge hem işjeň gatnaşýarlar. Şu jähetden, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde zenan ýolbaşçylaryň "Ygrarlylykdan özgertmelere: deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny ilerledýän zenanlar" atly duşuşygynyň geçirilmegi möhüm ähmiýete eýedir.***

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy bu ýurtlarda ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga, dürli meseleleri çözmäge gönükdirilendir. Bu maksatnamany durmuşa geçirmäge zenanlaryň işjeň gatnaşmagy bolsa durnukly ösüşi gazanmaga ýardam berýän möhüm şertleriň biri bolup çykyş eder. Hereketleriň Awaza maksatnamasyny amala aşyrmaga zenanlaryň doly we deňhukukly gatnaşmagyny üpjün etmek üçin ýokary derejede syýasy goldawy bermek, gyzyklanma bildirýän taraplaryň arasynda gatnaşyklary ýola goýmak, tejribe alyşmak üçin meýdançany döretmek maksady bilen, bu ýurtlarda gender deňligini gazanmak hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek babatda öňdebaryjy tejribeler bilen tanyşdyrmak, agzalan maksatnamanyň durmuşa geçirilmegini tizleşdirmäge ýardam berjek zenanlaryň mümkinçiliklerini giňeltmek üçin maslahatlary işläp taýýarlamak, zenanlaryň tehnologiýalara, maliýe serişdelerine elýeterliligini giňeltmek üçin tagallalary birleşdirmek bu forumyň esasy maksatlarydyr.

Zenan ýolbaşçylar işewürlikde hem işjeň orny eýeleýärler. Olaryň täzeçil pikirleri, özboluşly çemeleşmeleri işi netijeli guramaga goşant goşýar. Zenanlar jemgyýetde zenanlaryň we çagalaryň hukuklaryny goramak ugrunda çykyş edip, bu meselelere aýratyn üns çekýärler. Mundan başga-da, olar bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda möhüm orny eýeleýärler. Olaryň bu ulgamlarda alyp barýan işi sagdyn, bilimli jemgyýeti kemala getirmekde uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň sebitiň taryhynda ilkinji bolup Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogyny döretmek başlangyjy bilen çykyş edendigini nygtamak gerek. Bu dialog sebitde durnukly ösüşi üpjün etmek, parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek işinde zenanlaryň eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Şu gezekki forum bolsa zenanlaryň jemgyýetde eýeleýän möhüm ornuna ünsi çekip, olaryň mümkinçilikleriniň giňeldilmeginiň, milli we halkara derejede syýasy çözgütleri kabul etmek işine işjeň gatnaşmaklarynyň durnukly ösýän jemgyýeti kemala getirmek üçin esasy şertleriň biridigini görkezdi.

**Merjen GULAMOWA,**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Mary şäherindäki jemagat hojalygy orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.**

Все права защищены